# Doganlyk bagy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Doganlyk bagy / hekaýa DOGANLYK BAGY

Ol indi eýýäm üç gün bäri şol bir düýşi görýär. Baş ujunda telim ýyl mundan öň aradan çykan ene-atasy otyr. Bir ýerlerdenem inisiniň özüni çagyrýan sesi eşidilýär… Şu ýerde-de tisginip turýar, ondan soň daň atýar gidýär, uklap bilenok.
Olar iki dogandy. Bir edarada bile işleýärdiler. Has dogrusy agasy inisini öz edarasyna işe alypdy. Uly dogan zähmetsöýerdi. Emma, inisi ýaltady, üstesine-de pul sowurmagyňam ussady. İşe gelýän gününden gelmeýän güni köpdi . Soňabaka bolsa agasyny sylaman, oňa jogap gaýtaryp başlady. Taňryýalkasyn aýtmagyň ýerine, agasyna edebilen zyýanyny ýetirdi. Agasynyň alyp beren maşynyna göwni ýetmän, ondan haýyş hem etmän, hatda talap edip täze maşyn alyp bermegi üçin öz agasynyň üstüne gygyryp hem ugrady. Hatda agasynyň wezipesine hem göz gyzdyrdy. Gepiň gysgasy 4-5 ýyl mundan öň doganlar belli-külli urşupdylar. Biri-birine diýebilen sözlerini diýdiler . Agasy şonda inisini edaradanam, öz durmuşyndanam kowupdy . Şondan bäri ne inisi agasyndan habar tutdy , ne aga inisinden. Ine, indem şol ini düýşune girip , agasyny çagyrýar. Agasy köp pikirlendi gadyrbilmez doganyny idemelimi , dälmi? Şol dawadan soň ikisem telefon belgilerini üýtgedipdiler. İdäsi gelmese-de, barybir agasynyň ýüreginiň bir burçy agyrdy durdy .
Doganlyk bagy… Bu bagy kesip zyňyp bolanok . Göze görünmän duran bu bag , ony doganyna tarap çekdi . Ol her näçe gadyrbilmez bolsun , gödek bolsun , barybir ol onuň dogany… Çagyrýarmy , diýmek barmak gerek . Üstesine – de ene – atalary – da ýok . Onuň özünden başga hossarynyň ýoklugy – da ýadyna düşdi . Ol sorap-idäp , inisiniň dostlaryndan , onuň telefon belgisinem tapdy özünem . Bardy ýanyna . İnisi hassahanada , operasion krowatda … Hernä , baryp ýetişdi. İnisi agasyny görüp, gözüne ýaş aýlady . Öňki-soňky öýkelerini wagtlaýynça

unutdylar. Biri-birine diýen sözlerini – de wagtlaýýynça bagyşladylar . İnisi agasyna garaşypdyr . Bu doganlyk bagy bir geň duýgy , nirede bolsaňam özüne dartýan duýgy . Bu iki dogan kim bilýär, geljekde ýene urşarlar, öýkeleşerler… Emma, başlaryna bir iş düşende huşda bolsun , düýşde bolsun biri – birini çagyrarlar, biri-birine garaşarlar we biri-birini goldarlar. Ol sylanyşygam ene-atanyň olaryň gursagyna guýan wesýeti . Hekaýalar